# Ädimme-ädim respublikany ýykýarlar!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ädimme-ädim respublikany ýykýarlar! ÄDIMME-ÄDIM RESPUBLIKANY ÝYKÝARLAR!




“Zynjyrlar gyrylsyn-Aýasofýa açylsyn topbagynyñ” Türkiýäni alyp getiren ýeri: “Diniñ syýasatyñ depesine goýlup, ýeke-täk adamyñ ömrüniñ ahyryna çenli häkimiýetiñ başynda oturjak we ölenden soñ ol kime yşarat eden bolsa, şonuñ ýerine geçjek” düzgüniniñ gurulmagydyr.
Respublikan režimi ädimme-ädim ýykýarlar!
Eýrana meñzeş aýatolla häkimiýetine esaslanan "Yslam Respublikasyna" döndermegiñ şertleri Türkiýe-de taýýar diýen ýaly ýagdaýa geldi. Häkimiýetiñ partiýasy (AKP) we onuñ ýarany (MHP) respublikab hukuklar esasynda saýlawlarda ýeñiş gazanmak umytlaryny ýitirendikleri üçin dünýewi respublikany ýykmagy özlerine çykalga ýol hökmünde gördüler.
Ýurduñ Prezidenti! Başyna ak tahýa geýdi. Kuran okady.
Din işleri ministri! Eli gylyçly hutba okady.
Diýjek bolýan zatlarynyñ gysgaça mazmuny şeýle:
Aýasofýa ýesir alyndy. Segsen alty ýyllyk bendilikdedi. Şindi bendilikden azat etdik. Halkyñ gökdäki dilegi hasyl boldy.
Ýogsam bolmasa Aýasofýany basyp alyjylaryñ elinden we bendilikden segsen alty ýyl owal respublikamyzy guranlar azat edipdi.

Osmanly hukugyny güýje girizdiler. Respublikan hukugy bogdurdylar.
Aýasofýany osmanly hukugyna goldanyp "Muzeý bolmakdan çykarylyp, öňem açyk bolan ybadata täzeden açma" çäresi Lozan ýeňşiniň ýubileý gününe gabatlaşdyryldy. Şeýdip, özleriçe Lozan we Atatürk bilen hasaplaşanýandyklaryny yglan etdiler.
Din işleri ministri Aýasofýada jumga namazynyň hutbasy berilende "Atatürk nälet okaýan" jümlelerini bilkastlaýyn, ýörite saýlap-seçip we kime nälet okaýandygyna görnetin yşarat edip aldy. Din işleri ministriniň Atatürke nälet okajak jümleleri aýtjagyny Prezidentiň özem öňünden bilýän bolarly.
Ýurduň Prezidenti! Din işleri ministri! Hem onuň töweregindäkiler!
“Atatürke nälet okulmagyna” hiç hili garşy däldiklerini ýüzlerindenem bilip bolýardy.
Soltanahmet meýdanynda adamdan ýaňa aýak basara ýer ýokdy.
Meýdanda bir namazlyk ýazara-da ýer galmandy. Şäher häkimi bu ýagdaýda "howpsuzlygy we saglygy" göz öňüne tutup, meýdana gelmegi gadagan etdi. Tramwaý gatnawlaryny-da ýatyrdy. Aýasofýa namaza tramwaý arkaly gitmek islänlet "Gatnawlary näme üçin duruzdyňyz?" diýip, zenan maşinistkanyň üstüne topuldylar. Maşinistkanyň üstüne topulanlaryň hemmesi erkek adamlardy. “Metro gatnawyny men däl; häkim duruzdy” diýip gygyrsa-da, ony diňlejegem bolmadylar. Çünki gäbazanlaryň gözleri gyzarypdy. “Zynjyrlar gyrylsyn-Aýasofý açylsyn topbagynyň” Türkiýäni alyp getiren sepgidi, ynha, şu zenan maşinistka topylanlaryň sahnasydy. Häkimiň "Dessine derňew işini açdyrdym" diýen bolmasy-da, hemişeki bolşy ýaly, göz üçin dil ujundan aýdylan zatdy.
Häkim bir zada düşünmeýän bolmaly.
Meýdanda "Talibanlara" meňzeş, YŞYD-çylara meňzeş, "Hizbullahçylara" meňzeş eşikler bilen namaza duranlaryň" agdyklyk etmegi respublikamyzyň ýok edilme kararynyň alynandygynyň iň aýdyň subutnamasydy.
Olaryň hemmesi segsen bir welaýatymyzdan ýörite saýlanyp-seçilip getirilenlerdi. Göz-görtele protest bildirýärdiler.
“Aýasofýa açylsyn-Zynjyrlar gyrylsyn topbagynyň” Türkiýäni alyp getiren sepgidi: Aýasofýany basybalyjy duşmanyň penjesinden halas eden Atatürki näletlänleriň we öňküsi gün zenan maşinistkanyň üstüne hüjüm edenleriň, erte ýene bir gün “näme üçin namaza geleňok?..” diýip, metjidiň öňünden geçen

bendeleriñ ýakasyndan tutup silterleme hukugyny özlerinde bar saýjak täze görnüşli respublikasydyr.
Nejati DOGRU.

"SÖZCÜ" gazeti, 26.07.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Publisisistika